# Garabasmalar geçsin indi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Garabasmalar geçsin indi GARABASMALAR GEÇSIN INDI




Bugün ýa-da ertir şatlykly habar eşderis diýip umyt edýärin.
Häkimiýetiň bu masgaraçylykly aýypdan ýurdumyzy halas etjegine ynanýaryn.
Mus-musuň mustapasy şu:
«Sosial mediýa kanuny» diýip atlandyrylan, on ýedi maddalyk «Internet şertlerinde ýaýradylan maglumatlaryň kadalaşdyrylmagy we bu maglumatlary ýaýratmak arkaly edilen jenaýarlara garşy göreşmek hakynda kanun» Mejlisden geçdi…
Täze kanunda «girişiň öňüniň baglanmagy» çäklendirmesi aýryldy we ýerine «mazmunyň öçürilmegi» sözi girizildi. Ýagny…
Konstitusion sudyň ýanjap-ýanjap aýdyşy ýaly, sosial mediýa saýtlaryny biruçdan ýapmak kynlaşdyryldy. Jenaýat alamalaryny berýän mazmunyň öçürilmegi mümkin bolan ýagdaýynda, tutuş saýta girişi ýapmagyň geregi ýok…
*«Tekstiň jenaýat alamatlaryny berýän bölegininiň öçürilen ýagdaýlarynda, girişi ýapmagyň ýerine, mazmunyň öçürilmegi barada karara gelme mümkinçiligi dörediler, şeýlelikde şol internet saýtynda paýlaşylan we jenaýat alamatlaryny bermeýän tekstler söz we informasiýa alşyp-berişme azatlygyny hasam howpsuz ýagdaýa getirýär.» (4-nji madda)*
Odatv şehit düşen howpsuzlyk gullugynyň işgäri barada habar taýýarlanda, onuň bu habary öçürilenem bolsa, internet ýaýlymymyzy ýapdylar!
Ine… täze kanyn bu gadagançylygy aradan aýyrdy.
Hawa, habar öçürlensoň, saýtyň ýapmagyň indi geregi ýok…
Şeýlelikde… Odatv-niň öňündäki päsgelçilik aýryldy.
Şeýlelikde… Odatv bugün ýa-da ertir açylmagy wajyp boldy.
Odatv-ä «geçdigi bolsun» diýsegem bor!

## ■ ŞUNY BILEÑZOK

Habaryñyz bardyr:
Odatv Liwiýada wepat bolan howpsuzlyk gullugynyñ işgäriniñ jynazasy barada habar berdi. Yzyndan Odav-dan jogaplär Habarlar bölüminiñ müdüri Baryş Terkogly tussag astyba alyndı. Habary taýýarlamaga gatnaşan Hülýa Kylynç hem Manisada ýaşap ýören ýerinden tussag astyna alnyp, Stambula getirildi.
Şol wagtyñ içinde ilki Baryş Terkogly we Hülýa Kylynç, olaryñ yzyndan Odatv-niñ baş režissýory Baryş Pehliwan tussag edildi.
Odatv hem ýapyldy…
Emma şundan habaryñyz ýok:
Şol ikiarada Odatv-niñ adminstrasiýasy boýunça başga bir derñew işi açyldy. (Tussaghanadan daşynda galan «Odatv-niñ adminstratory kimdi eýse?)
Stambulyñ Baş prokuraturasy Terrorçylyga we guramaçylykly jenaýatlar boýunça derñew býurosyna (şahsyýeti gizlenen iki kişi we F.S. atly işgär tarapyndan) jenaýat boýunça şikaýatnama ugratdy!
Stambulyñ Baş prokuraturasy üç aýa çeken derñewden soñ Odatv-niñ adminstratorlarynyñ garşysyna jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek hakynda karar çykardy.
Bu maglumaty näme üçin ýazdym:
Odatv-niñ adminstratorlaryny jogapkärçilikden boşatmak hakynda ýörite karar barka, Odatv-niñ ýapyk durmagyny haýsy ýuridiki delil bilen düşündirip bolar? Meselem, ýa-da onuñ arhiwindäki berlenine on üç ýyl bolan habarlardan nädip jenaýat alamatlaryny tapyp bilýärlerkä?
Bütin bu adminstratiw öñüni alyş çäreleri kada laýyk we ýerine ýetirmäge oñaýly bolmalydyr.
Täze kanunyñ güýje girmegi bilen prokuraturanyñ karary bilen alty aý bäri ýapyk duran Odatv-niñ dessine açyljagyna tüýs ýüregimden ynanýaryn…

## ■ “ÝERIÑ TEÝINE GIRDIM”

Jem Duna…
Baş ilçi…

Turgut Özalyň geňeşçisi…
TRT-niň baş müdiri…
TÜSİAD-yň ýokary konsultatiw kollegiýasynyň agzasy…
Mundan üç aý öň onuň «Adatdan daşary» (“Sıra Dışı”) atly awtobiografik kitaby çapdan çykdy. Men ony bu baýram gününde doly okap gutardym. Şübhesiz, biziň garaýyşlarymyzda tapawut bar. Elbetde, dürli-dürliligiň pikir-düşünje baýlygydygyna hemmeler düşünýän bolsa gerek…
Jem Duna döwlet işinde işlän döwründe esasan metbugat boýunça gatnaşyklardan jogapkär boldy. Mysal üçin, Londondaky ilçihanamyzda işläp ýörkä, Ankaradan görkezme geldi. «Financial Times» gazetiniň Türkiýe boýunça habarçysy «12-nji sentýabr» döwlet agdarlyşygy bilen hökümeti eýelän harby häkimiýetiniň durmuşa gecirýän diýdimzorçulykly işlerine garşy habarlar bilen çykyş edýärdi. Ankara hökümeti gazetiň adminstrasiýasyndan bu žurnalisti Türkiýä gaýdyp bermegi talap edýärdi!
Jem Duna utanyp-utanyp gazetiň redaksiýasyna gidipdi. Oňa şeýle jogap berlipdir:
» – Ýoldaş Duna, iň gowsy, siz bärik gelmedik we biziň aramyzda bu mesele barada gürrüň bolup geçmedik ýaly bolsun. Tersine bolsa, aramyzdaky dostlukly gatnaşygyň soňy ýakymsyzlyk bilen gutaryp biler.»
Jem Duna bu duşuşygy kitabynda şeýle beýan edýär:
» – Şol wagt ýer ýarylsa, teýine girmäge razydym. Iş karýeramda şundan has beter manysyz, ýakymsyz waka başymdan ineni ýadyma düşenok. Takdytyň oýnuna serediň, aradan ýyllar geçensoň Türkiýe üýtgedi we ýaňky žurnalist hökümetimize geňeşçi edilip bellendi…»
Iş tejribelerini paýlaşan Jem Duna kitabyny şeýle jemleýär:
«Demokratiýany sözüň doly manysynda durmuşa geçirjek bolsak, söz azatlygyny üpjün etmek hökmany şert bolmalydyr. Žurnalistleriň, alymlaryň düşünje-garaýyşlary sebäpli türmede ýatmagy ylalaşar ýaly zat däl. Söz azatlygy gerekli bolany üçin däl-de, gutulgysyz ýagdaýda üpjün edilmeli erkinlikdir. (…) Türkiýede häzir gadagan edilen saýtlaryň barlygy ynanar ýaly zat däl…”

Gepiñ keltesi, Baryş Pehliwan, Müýesser Ýyldyz azatlyga çykarylmalydyr.
Odatv açylmalydyr.
Bu kartina ýurdumyza gelşenok, FETÖ-PKK ýaly terrorçylykly guramalary hakly görkezýändigiñizden habaryñyz barmy?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 04.08.2020 ý.

Terjimr eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika